# Atilla!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Atilla! ATILLA!



Öňüm duman,
Yzym, dört ýanym duman,
Duşman birden çykaýjagam ýaly-la.
Yzyň yzlap tapyp bilmän kösenýän,
Atlandyň-da geçip gitdiň Atilden,
At segredip ol garaňky Ýewropa…
Rime tarap çapyp giden Atilla!
Galgadyp duman dek bürgütli, tuguň…
Ýewropanyň taýpalaryn jemlediň,
Şonda saňa boýun boldy hemmeler,
Pida bolsun saňa ýeňilmez Gunlar
Baş egmesem meňem kelläm pidadyr,
Ýazan goşgym, setirlerim pidadyr…
Ruhy siňmiş Balambiriň, Ýyldyzyň,
Garadonyň hem Aýbarsyň, Oktaryň,
Müňjük ogly Gun serdary Atilla,
Geçip günbataryň Rimin ýykansyň!
Ynha indi dumanlanan tokaýlar
Azaşdyrýar seni gözleýänleri!
Nirede sen? Ýetim goýup iliňi?
Heýem şeýdip gidäýmeklik bolarmy?
Beýtme dolan, kowumdaşlaň garaşýar!
Yzda galan Gunlar öz serdaryna,

Gylyçlarny çyzgap, tyglap ýitisin,
Seň şanyňa galamlaram tyglanýar,
Depderlerde büdremesin ýazanda…
Garaşýarlar seniň giden ýoluňa,
Armanlykda gamly gözler umytsyz,
Göz ýaşynam dökäýmegi daşda däl,
(Aglamagam gurt ogluna gelişýär)
Sen gideliň ençe gyşlar, tomuslar,
Günler, hepde, Aýlar, ýyllaram geçdi…
Basylman geçdi-le şol imperiýalar,
Ýykylmasa ýykylmasyn gel, dolan,
Sen diýýänsiň, şonda: »Men Syndyrmasam,
Bir gün Gotlar gelip alarlar ony,
Sen gelmeseň iliň-günüň ýykylýar,
Ýok, gamlanma duşman ýykanok bizi,
Biz ýykdyk, sermenip bir-birimizi
Törümizi, törämizi, öýmüzi,
Haýp şonda namartladym, agladym…
Diýdim: »Öýlermiziň, çadyrlarmyzyň,
Içinde däl, Rim tarapda Atilla…
Seret Güne, günüň batýan ýurduna…»
Diýenimde menem itip ýykdylar,
Ümürlikde boz dumanlar içinde
Siňip gitdi Gün türkmenler şeýtdi-de…
Şondan bärem möjekleriň uwlaýşy,
Olaň hüwwüldili, hyrryldy sesi,
Ýatyp galmagyma böwet bolýarlar,
Göz ukuly, serim säm, enterekläp,
Şeýdip daňym atanynam bilemok,
Öňüm duman, yzym, dört ýanym duman,
Duşman birden çykaýjak-la nägüman
Yzyň yzlap tapyp bilmän kösenýän,
Rime tarap çapyp giden Atilla!
Boz sähralyk
ýetim galdy gelsen-e!!!
27.01.2024 Goşgular